**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky**
**№ 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## № 2-awto "Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ulaglarynyň bar bolany we olaryň tehniki ýagdaýy barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## GOLLANMA

№ 2-awto "Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ulaglarynyň bar bolany we olaryň tehniki ýagdaýy barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylyk formasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň “Türkmenawtoulaglary” agentligi we oňa degişli kärhanalary tarapyndan düzülýär we salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar.

### 1 BÖLÜM. AWTOMOBIL ULAGLARYŇ HEREKET EDÝÄN DÜZÜMINIŇ BAR BOLANY WE TEHNIKI ÝAGDAÝY

1-nji bölümiň 1-14 setirlerinde awtomobil ulaglaryň hereket edýän düzüminiň bar bolan görnüşleri boýunça görkezilýär. Ulag serişdeleriniň kysymlarynyň we belgileriniň ähli görnüşleri hasaba alynmalydyr: ýük awtomobilleri (tirkegli ýük awtomobilleri, furgonlar, ýarym tirkegli, tirkegli ýa-da tirkegsiz tirkeg çekijileri, awtootlular, ýüküni özi düşürýän ulaglar, sisternalar, üsti sowadyjyly maşynlar we ş.m.); ýolagçy gatnadýan (şäheriň içinde, şäher töwereginde gatnaýan awtobuslar, uzak aralyga gatnaýan awtobuslar, kiçi awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlar); ýörite maksatly ulag serişdeleri; ýeňil awtomobiller (taksomotorlar we hyzmatdakylar).

1-nji sütünde hasabat ýylynyň başyna bar bolan awtomobiller görkezilýär, şolardan tehniki ýagdaýy guratlar (2-nji sütün).

Awtomobilleriň hasabat ýylynyň başyndan täze satyn alynany 3-nji sütünde görkezilýär.

Balansdan balansa geçirilen ulanylan awtomobilleriň geleni 4-nji sütünde, awtomobilleriň hasabat ýylynyň başyndan ulanyşdan çykany – 5-nji sütünde görkezilýär.

Hasabat döwrüniň ahyryna bar bolan awtomobilleriň hereket edýän düzümi 6-njy sütünde görkezilýär, şolardan tehniki ýagdaýy guratlar (7-nji sütün).

8-nji sütünde ýük awtomobilleriň görnüşleri boýunça umumy ýük göterijiligi görkezilýär (01-07 setirler). Sanaw boýunça ýük awtomobilleriň her markasynyň sanyny taýýarlaýjy zawodyň pasportyna görä olaryň ýük göterijiligine köpeldilen netijesini jemlemek bilen awtomobilleriň umumy ýük göterijiligi kesgitlenýär

9-njy sütünde 08-14 setirlerinde ýolagçy awtobuslaryň, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlaryň umumy ýolagçy sygymlylygy görkezilýär. Sanaw boýunça awtobuslaryň her markasynyň sanyny taýýarlaýjy zawodyň tehniki pasportyna laýyklykda olaryň ýolagçy sygymlylygyna (oturylýan orunlary we dik durmak üçin niýetlenen orunlary) köpeldilen netijesini jemlemek bilen awtobuslaryň umumy ýolagçy sygymlylygy kesgitlenýär. Sanaw boýunça ýeňil awtomobilleriň we bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlaryň sanyny ýolagçylar üçin niýetlenen orunlaryň, sürüjiniň ornuny goşmak bilen,sanyna köpeltmek arkaly alnan netijesini jemlemek bilen, jemi awtomobilleriň we bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlaryň umumy ýolagçy sygymlylygy kesgitlenýär.

### 2 BÖLÜM. ULANYLYŞ MÖHLETI BOÝUNÇA AGENTLIGIŇ HASABYNDA DURAN AWTOMOBILLERIŇ SANY

2-nji bölümde hasabat döwrüniň ahyryna bar bolan awtomobiller hasabat döwrüniň başyndan geleni hem-de ulanyşdan çykany hasaba almak bilen görkezilýär.

Awtomobilleriň sany tehniki pasportynyň esasynda, görnüşleri we ulanyş möhleti boýunça bölünip gökezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**